# TÜRKMENISTANYŇ HÖKÜMETI BILEN GRUZIÝANYŇ HÖKÜMETINIŇ ARASYNDA HOWA GATNAWLARY HAKYNDA YLALAŞYK

Türkmenistanyň Hökümeti we Gruziýanyň Hökümeti (mundan beýläk «Ylalaşýan Taraplar»);

1944-nji ýylyň 7-nji dekabrynda Çikago şäherinde gol çekmek üçin açylan Halkara Raýat Awiasiýasy boýunça Konwensiýanyň taraplary bolmak bilen we

Özleriniň çäkleriniň arasynda we olaryň çäklerinden daşarda howa gatnawlaryny ýola goýmak maksady bilen, agzalyp geçilen Konwensiýa goşmaça Ylalaşygy baglaşmaga isleg bildirip;

Iki ýurduň halklarynyň arasynda dostlugy, özara düşünişmegi we hyzmatdaşlygy ýola goýmak we saklamak serişdesi hökmünde howa ulaglarynyň wajyplygyny ykrar edip;

Halkara howa gatnawlary üçin mümkinçilikleriň giňeldilmegine ýardam bermäge islegi bildirip;

Aşakdakylar barada ylalaşdylar:

## 1-nji madda
## KESGITLEMELER

1. Şu Ylalaşygyň maksady bilen, eger konteksti başga mazmunyny talap etmeýän bolsa, adalga:

a) **«Awiasiýa Häkimiýetleri»** Türkmenistan babatda, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenhowaýollary» agentligini we Gruziýa babatda, Gruziýanyň Ykdysadyýet we Durnukly Ösüş Ministrligini we/ýa-da Raýat awiasiýasynyň Agentligini aňladýar ýa-da her bir ýagdaýda şu Ylalaşyga degişli bolýan islendik wezipeleri ýerine ýetirmäge ygtyýarlygy bolan islendik adamy ýa-da edarany aňladýar.

b) **«Şertnama Ýollary»** Türkmenistan we Gruziýa döwletleriniň degişli çäkleriniň arasynda we çäklerinden daşarda ýolagçylary, goşlary, ýükleri we poçtany daşamak üçin amala aşyrylýan, aýratynlykda ýa-da bilelikde Halkara Howa Gatnawlaryny aňladýar;

c) **«Ylalaşyk»** şu Ylalaşygy, onuň Goşundysyny we onuň aýrylmaz bölegi bolup durýan şu Ylalaşyga ýa-da Goşunda girizilen islendik düzedişleri aňladýar;

TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ
ÝANYNDAKY ULAG WE KOMMUNIKASIÝALAR AGENTLIGINIŇ
«TÜRKMENHOWAÝOLLARY»
AGENTLIGI
UMUMY BÖLÜMI
Gelen № TH-64
«13» 08 2024ý.

TÜRKMENISTANYŇ
PREZIDENTINIŇ DIWANY
Çykyş № 114-10 26 sahypa
« 12 » 08 2022ý.

d) **«Howa Gatnawy»**, **«Awiakärhanasy»**, **«Halkara Howa Gatnawy»** we **«täjirçilik maksatsyz duralga»** sözleri Konwensiýanyň 96-njy Maddasynda degişli görnüşde bellenilen mazmunly bolýarlar;

e) **«Konwensiýa»** 1944-nji ýylyň 7-nji dekabrynda Çikago şäherinde gol çekmek üçin açylan Halkara Raýat Awiasiýasy hakynda Konwensiýany aňladýar we öz içine şulary alýar: (i) Konwensiýanyň 94 (a) maddasyna laýyklykda kabul edilen we Ylalaşýan Taraplaryň ikisi tarapyndan ratifisirlenen Konwensiýa girizilen islendik düzedişi; we (ii) Konwensiýanyň 90-njy Maddasyna laýyklykda kabul edilen, Konwensiýanyň islendik goşundysyny ýa-da düzedişini, beýle goşundynyň ýa-da düzedişiň islendik kesgitli wagtda Ylalaşýan Taraplaryň ikisi üçin hakyky bolýan derejesinde öz içine alýar;

f) **«Bellenilen Awiakärhana»** şu Ylalaşygyň 3-nji Maddasyna laýyklykda bellenilen we oňa laýyklykda awiakärhanany ýa-da awiakärhanalary aňladýar;

g) **«Nyrhlar»** ýolagçylaryň, goşlaryň we ýükleriň daşalmagy üçin alynýan nyrhlary we şertleri aňladýar, oňa laýyklykda şeýle nyrhlar ulanylýar, emma diňe poçtanyň daşalmagy üçin tölegden we şertlerden başgalaryny aňladýar;

h) **«Çäkler»** Döwlet babatynda, Konwensiýanyň 2-nji Maddasynda oňa bellenilen mazmunly bolýar.

i) **«Peýdalanyjylardan alynýan ýygymlar»** ygtyýarly häkimiýetler tarapyndan awiakärhanalar üçin bellenilýän ýygymlary aňladýar ýa-da howa menziliniň emläginiň, serişdeleriniň we/ýa-da aeronawigasiýa serişdeleriniň berilmegi üçin, şol sanda howa gämileri, olaryň uçuş düzümleri, goşlar we ýükler üçin degişli hyzmatlary we serişdeleri üçin almaga rugsat berilýän ýygymlary aňladýar;

j) **«gowrüm»** - ylalaşyk boýunça berilýän hyzmatlaryň sany, adatça bazarda teklip edilýän (şäherleriň jübüti ýa-da ýurtdan ýurda), ýa-da gündelik, hepdelik, möwsümleýin ýa-da her ýyllyk ýaly, wagtyň ýörite bellenilen döwründe ugurdaky uçuşlaryň (ýygylyklaryň) sany ýa-da kürsüleriň ýa-da ýükleriň tonnalaýyn mukdary bilen ölçenilýär;

k) **«IKAO»** Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasyny aňladýar;

l) **«halkara howa gatnawy»** howa gatnawyny aňladýar, onda bir Döwletiň çäklerinde borta alnan ýolagçylar, goşlar, ýükler we poçta beýleki Döwlete iberilýär;

2. Şu Ylalaşygyň Goşundysy onuň aýrylmaz bölegini düzýär.

## 2-nji madda
## HUKUKLARY BERMEK

1. Her bir Ylalaşýan Tarap, beýleki Ylalaşýan Tarapa, onuň Bellenilen Awiakärhanalarynyň Şertnama Ýollaryny bellemek we ulanmak maksady bilen, şu Ylalaşykda göz öňünde tutulýan hukuklary berýär.

2. Her bir Ylalaşýan Tarapyň bellenilen Awiakärhanalary şu aşakdaky hukuklardan peýdalanýarlar:

a) beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinin üstünden gonuşsyz uçuşy amala aşyrmak;

b) beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde täjirçilik maksatsyz duralgalary amala aşyrmak, we

c) beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde ýolagçylary, goşlary we halkara ýoluna barýan ýükleri borta mündürmek we/ýa-da düşürmek maksady bilen, Şertnama Ýollary ulanylanda aýratynlykda ýa-da bilelikde gonuşlary amala aşyrmak.

3. Mundan başga-da, Ylalaşýan Tarapyň her birinin awiakärhanasy (-lary), 3-nji Madda boýunça bellenilenlerden başga, şeýle hem şu Maddanyň 2(a) we 2(b) bentlerinde görkezilen hukuklaryndan peýdalanýarlar.

4. Şu Maddadaky hiç bir zada Ylalaşýan Taraplaryň islendiginiň, islendik bellenilen Awiakärhanasyna, beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde borta baýraklaryň berilmegi üçin ýa-da hakyna tutma boýunça daşalýan ýolagçylary, goşlary we ýükleri almak we beýleki Ylalaşýan Tarapyň Döwletiniň çäklerinde başga nokada ibermek üçin hukugyň berilmegi hökmünde seredilmeli däldir.

5. Eger harby dawalar, syýasy hadysalar ýa-da tolgunmalar, ýa-da göz öňünde tutulmadyk we aýratyn ýagdaýlar sebäpli, Ylalaşýan Tarapyň biriniň bellenilen Awiakärhanasy onuň adaty ugry boýunça uçuşy ýerine ýetirip bilmese, beýleki Ylalaşýan Tarap, Ylalaşýan Taraplaryň öz arasyndaky ylalaşyk boýunça ugurlaryň degişli wagtlaýyn üýtgedilmeginiň ýoly bilen her bir uçuşyň dowam edilmegini üpjün etmek üçin ähli mümkin çäreleri görmelidir.

**3-nji madda**
**AWIAKÄRHANALARY BELLEMEK WE RUGSATNAMALARY BERMEK**

1. Her bir Ylalaşýan Tarapyň Awiasiýa Häkimiýetleriniň Şertnama Ýollarynyň ulanyş maksady bilen bir ýa-da birnäçe awiakärhanalaryny bellemäge hukugy bardyr ýa-da islendik beýle awiakärhanasynyň bellenilişini ýatyrmaga ýa-da üýtgetmäge ýa-da ozal Bellenilen Awiakärhanasyny başga awiakärhanasyna çalyşmaga hukugy bardyr. Beýle bellenilmäni Şertnamalaýyn Ýollarynyň ulanyşy babatda her bir awiakärhanasyna berlen rugsatnamanyň hereket edýän ugruny belläp bilýär. Bellemeler we olara girizilýän islendik üýtgeşmeler beýleki Ylalaşýan Tarapyň Awiasiýa Häkimiýetlerine bu barada ýazmaça habarnamany berip, awiakärhanasyny belleýän Ylalaşýan Tarapyň Awiasiýa Häkimiýetleri tarapyndan ýerine ýetirilýär.

2. Bellenilen Awiakärhanasyndan bellenilmegi, onuň çalşyrylmagy ýa-da üýtgedilmegi barada bellenilen görnüşde we tertipde habarnamanyň alnan ýagdaýynda, beýleki Ylalaşýan Tarap şu Maddanyň (3) we (4) bentleriniň düzgünlerine laýyklykda, bellenilen awiakärhanasynda (-laryna) uçuşlary ýerine ýetirmek üçin degişli rusgatnamany eglemesiz bermelidir.

3. Ylalaşýan Tarapyň biriniň Awiasiýa Häkimiýetleri beýleki Ylalaşýan Tarapyň bellän awiakärhanasyndan Konwensiýanyň düzgünlerine laýyklykda Halkara Howa Gatnawlary ýerine ýetirilende beýle häkimiýetler tarapyndan adatça we paýhasly ulanylýan kanunlarda we düzgünlerde berilýän şertleri ýerine ýetirmäge ukyplydygynyň subutnamalarynyň berilmegini talap edip bilerler.

4. Her bir Ylalaşýan Tarapyň şu Maddanyň 2-nji bendinde agzalyp geçilen uçuşlaryň ýerine ýetirilmegi üçin hukugyň berilmeginden boýun gaçyrmaklyga ýa-da şu Ylalaşygyň 2-nji Maddasynda görkezilen Bellenilen Awiakärhana tarapyndan ýerine ýetirilmegi üçin zerur diýip hasap edýän beýle şertleriň ýerine ýetirilmegini talap etmäge hukugy bardyr, hiç bolmaýan ýagdaýynda, agzalyp geçilen Ylalaşýan Tarapda, awiakärhanalaryň esasy iş ýeriniň olary bellän Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde ýerleşýänliginiň we agzalyp geçilen Ylalaşýan Tarapyň beren Howa Ulanyjysynyň hereket edýän sertifikatynyň barlygynyň subutnamasynyň ýok ýagdaýynda beýle şertleriň ýerine ýetirilmegini talap edip biler.

5. Beýle görnüşde bellenilen we rugsatnamany alan awiakärhanasy, islendik wagtda islendik Şertnama Ýolunyň ulanyşyny şeýle şertde, ýagny awiakärhanasynyň şu Ylalaşygyň düzgünlerini, şeýle hem eger olar ulanylýan bolsa, uçuşlaryň ýerine ýetirilmegi üçin rugsatnamalara degişli döwlet talaplaryny berjaý edýän ýagdaýynda ulanyşyna başlap biler.

## 4-nji madda
## ULANYŞ ÜÇIN RUGSATNAMANYŇ HEREKET ETMEGINI ANNULIRLEMEK WE SAKLAMAK

1. Her bir Ylalaşýan Tarapyň Awiasiýa Häkimiýetleriniň beýleki Ylalaşýan Tarapynyň bellän awiakärhanasy babatda, ulanyş üçin rugsatnamasyny annulirlemäge ýa-da şu Ylalaşygyň 2-nji Maddasynda görkezilen hukuklardan peýdalanmakdan saklamaga, ýa-da beýle hukuklardan peýdalananda özüniň zerur diýip hasap etjek hemişelik ýa-da wagtlaýyn şertleriniň ýerine ýetirilmegini talap etmäge hukugy bolýar:

a) Awiakärhananyň Ylalaşýan Tarapyň Konwensiýa laýyklykda beýle hukuklary berýän Awiasiýa Häkimiýetleri tarapyndan adatça we paýhasly ulanylýan kanunlary ýa-da düzgünleri berjaý etmeýän ýagdaýynda; ýa-da

b) eger awiakärhana, şu ylalaşykda göz öňünde tutulýan şertlere laýyklykda uçuşlary ýerine ýetirmeýän ýagdaýynda; ýa-da

c) eger onda agzalyp geçilen awiakärhanalaryň esasy iş ýeriniň olary bellän Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde ýerleşýänliginiň we olarda, agzalyp geçilen Ylalaşýan Tarapyň beren Howa Ulanyjysynyň hereket edýän Sertifikatynyň barlygynyň subutnamalarynyň ýok ýagdaýynda;

d) şu Ylalaşygyň 10-njy Maddasynyň (6) bendine laýyklykda;

e) şu Ylalaşygyň 10-njy Maddasynyň (2) bendine laýyklykda, howpsuzlygyň derejesini ýokarlandyrmak üçin beýleki Ylalaşýan tarap tarapyndan gerekli çäreleriň görülmedik ýagdaýynda; ýa-da

f) beýleki Ylalaşýan Tarapyň şu Ylalaşygyň 19-njy Maddasynyň ulanylmagy bilen baglanyşykly islendik çözgüdi ýa-da düzgüni ýerine ýetirmeýän islendik ýagdaýynda;

2. Eger ulanyş üçin rugsatnamanyň gaýra goýulmasyz annulirlenmegi, şu Maddanyň (1) bendinde görkezilen hukuklardan peýdalanmagyň saklanmagy ýa-da şertleriň ýerine ýetirilmeginiň talap edilmegi, kanunlaryň ýa-da düzgünleriň soňky bozulmasynyň öňüni

almak üçin zerur bolýan bolsa, onda beýle hukuklar diňe 18-nji Maddanyň şertinde, beýleki Ylalaşýan Tarapyň Awiasiýa Häkimiýetleri bilen maslahatlardan soňra ulanylýarlar.

3. Ylalaşýan Tarapyň biriniň hereketleri ýerine ýetirýän ýagdaýynda, şu Maddanyň düzgünlerine laýyklykda, beýleki Ylalaşýan Tarapyň hukuklary 19-njy Maddanyň düzgünlerine laýyklykda bozulmaly däldir.

## 5-nji madda
## ŞERTNAMA ÝOLLARYŇ ULANYŞYNY DÜZGÜNLEŞDIRÝÄN ÝÖRELGELER

1. Her bir Ylalaşýan Tarap, ikitaraplaýyn görnüşli esasda, Ylalaşýan Taraplaryň Bellenilen Awiakärhanalaryna, şu Ylalaşyga laýyklykda halkara howa gatnawlarynyň üpjün edilmeginde erkin bäsdeşlige mümkinçilik berýär.

2. Her bir Ylalaşýan Tarap, şu ylalaşykda göz öňünde tutulan hukuklaryň amala aşyrylmagyndaky kemsidilmeleriň we bäsdeşlige garşy ýa-da talanmalara garşy tejribeleriň ähli görnüşlerini aradan aýyrmak üçin özleriniň ýurisdiksiýasynyň çäklerinde ähli degişli çäreleri görmelidir.

3. Gatnawlaryň islendik görnüşi boýunça (ýolagçy, ýük, aýratynlykda ýa-da utgaşdyrylan) Ylalaşýan Taraplaryň ikisiniň Bellenilen Awiakärhanalary tarapyndan ulanylýan (lar) uçuşlaryň ýygylygynyň we/ýa-da howa gämisiniň (leriniň) görnüşiniň (leriniň) göwrümi we sany boýunça hiç hili çäklendirme bolmaly däldir. Her bir Bellenilen Awiakärhanasynda, oňa Şertnama Ýollarda teklip edilýän gatnawlaryň ýygylygyny we göwrümini kesgitlemäge rugsat edilýär.

4. Ylalaşýan Taraplaryň hiç biri, beýleki Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen Awiakärhanasy tarapyndan gatnawlaryň göwrümini, howa gatnawlarynyň ýygylygyny, yzygiderliligini ýa-da ulanylýan (lar) howa gämisiniň (leriniň) görnüşini (lerini), diňe gümrük gullugy tarapyndan talap edilip biljek we tehniki, ulanyş talaplarynyň ýerine ýetirilmegi üçin talap edilip biljek, şeýle hem Konwensiýanyň 15-nji Maddasyna garşy gelmeýän ýeke-täk şertler boýunça daşky gurşawy goramagyň talaplaryny ýerine ýetirmek üçin talap edilip biljek ýagdaýlardan başgalarda, bir taraplaýyn tertipde çäklendirmeli däldir.

## 6-njy madda
## GÜMRÜK PAÇLARY WE BEÝLEKI ÝYGYMLAR

1. Her bir Ylalaşýan Tarap, beýleki Ylalaşýan Tarapyň bellenilen Awiakärhanasyny importyň çäklendirmelerinden, gümrük paçlaryndan, göni ýa-da ýanaşyk salgytlardan we howa gämilerine, şeýle hem olaryň bort enjamlaryna, ýangyjyna, çalgy ýaglaryna, sarp edilýän tehniki ätiýaçlyklaryna, ätiýaçlyk şaýlaryna, şol sanda dwigatellere, bortdaky ätiýaçlyklara, şol sanda, emma azyk önümleri, içgiler, spirtli içgiler, temmäki önümleri we uçuş wagtynda ýolagçylara satmak ýa-da ulanmak üçin niýetlenilýän beýleki önümleri ýaly we Şertnama Ýollaryny ulanyjy beýle Bellenilen Awiakärhanasynyň diňe howa gämileriniň ulanylmagy ýa-da hyzmat edilmegi sebäpli ulanmak üçin ýa-da ulanylýan beýleki zatlara, şeýle hem awiapeteklerіň çap edilen ätiýaçlygyna, awianakladnoýlara, işgärleriň geýimleri, Bellenilen Awiakärhananyň nyşany çap edilen islendik çap edilen materiallara we beýle Bellenilen Awiakärhanasy tarapyndan tölegsiz ýaýradylmagy üçin niýetlenilýän adaty neşirlere we mahabat materiallaryna salynýan ähli beýleki milli we/ýa-da ýerli paçlardan we ýygymlardan boşadýar.

2. Şu Madda bilen berilýän aýratyn ýagdaýlar, şu Maddanyň (1) bendinde salgylanma berilýän zatlaryna ulanylýar:

a) Ylalaşýan Tarapyň biriniň Döwletiniň Çäklerine beýleki Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen Awiakärhanasy tarapyndan onuň adyndan girizilen zatlara;

b) Ylalaşýan Tarapyň biriniň Bellenilen Awiakärhanasynyň howa gämisiniň bortunda, beýleki Ylalaşýan Tarapyň Çäklerine gelmegi ýa-da gitmegi boýunça galdyrylýan zatlara we/ýa-da şol Çäkleriň üstünden uçup geçýän wagtynda sarp edilen zatlara;

c) Beýleki Ylalaşýan Tarapyň Çäklerinde, Ylalaşýan Tarapyň biriniň Bellenilen Awiakärhanasynyň howa gämisiniň bortuna alnan we Şertnamalaýyn ýollaryň ulanyşynda olary ulanmak üçin niýetlenilýänler; Ylalaşýan Tarapyň Çäkleriniň araçäginde beýle zatlaryň dolulygyna ýa-da bölekleýin ulanylýanlygyna garamazdan, şeýle şertlerde aýratyn ýagdaýlary berýän ýagdaýynda, ýagny beýle zatlar agzalyp geçilen Ylalaşýan Tarapyň Çäklerinde berilmeýär.

3. Standart bort enjamlary, şeýle hem islendik Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen Awiakärhanasy tarapyndan ulanylýan, adatça howa gämisiniň bortunda galdyrylýan materiallar, esbaplar we ätiýaçlyklar, diňe şol Ylalaşýan Tarapyň ygtyýarly häkimiýetleriniň rugsat bermegi

bilen beýleki Ylalaşýan Tarapyň Çäklerinde düşürilip biler. Beýle ýagdaýda, beýle enjamlar we zatlar, şu Maddanyň(1) bendinde göz öňünde tutulýan aýratyn şertlerden peýdalanýarlar, şeýle şertde, ýagny olary hereket edýän gümrük düzgünlerine laýyklykda yzyna äkidilýän ýa-da başga görnüşde utilizasiýa edilýän pursatyna çenli agzalyp geçilen häkimiýetleriň gözegçiligine ýerleşdirilmeginiň talap edilip biljek şertinde.

4. Şu Madda bilen berilýän boşadylmalar hem ulanarly, eger islendik Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen Awiakärhanalary, beýleki Ylalaşýan Tarapyň Çäklerinde bort enjamlaryny we şu Maddanyň (1) bendinde görkezilen beýleki zatlary karzyna almak ýa-da bermek üçin beýleki awiakärhanasy (lary) bilen ylalaşyga girýän ýagdaýynda ulanarly bolýar, şeýle şertde, ýagny, beýleki awiakärhana, beýleki Ylalaşýan Tarapyň şol bir (ler) aýratyn ýagdaýyndan (laryndan) peýdalanýan bolsa ulanarlydyr.

## 7-nji madda
## MILLI KANUNLARY WE DÜZGÜNLERI ULANMAK

1. Halkara howa gatnawlarynda eýelenýän ýa-da onuň Çäklerinde beýle howa gämisiniň ulanyşy we nawigasiýasy bilen baglanyşykly howa gämisiniň gelmegini, bolmagyny ýa-da uçuşyny düzgünleşdirýän, Ylalaşýan Tarapyň biriniň kanunlary, düzgünleri we amallary, beýleki Ylalaşýan Tarapyň Awiakärhanasynyň (larynyň) howa gämisine, olaryň özleriniň hususy howa gämilerinde ulanyşlary ýaly ulanylmalydyr, we şol Ylalaşýan Tarapyň Çäklerine gelende ýa-da uçuşynda beýle howa gämisi tarapyndan berjaý edilmelidir.

2. Ylalaşýan Tarapyň onuň Çäklerine how gämisiniň bortunda daşalýan ýolagçylaryň, goşlaryň, uçuş düzüminiň we ýükleriň gelmegini, bolmagyny ýa-da gitmegini düzgünleşdirýän kanunlar, düzgünler we amallar, girmegi, arassalaýyş, awiasiýa howpsuzlygy, migrasiýa gullugy, pasport gözegçiligi, gümrük gullugy, walýuta, arassaçylyk we karantin talaplary bilen baglanyşykly beýle düzgünler, ýa-da poçta ýagdaýynda, poçta kanunlary we düzgünleri, birinji Ylalaşýan Tarapyň Çäklerine gelmegi, bolýan wagtynda ýa-da onuň Çäklerinden gidende beýle ýolagçylar, uçuş düzümleri tarapyndan ýa-da olaryň adyndan berjaý edilmelidir, şu düzgünler goşlarda we Ýüklerde hem ulanylmalydyr.

3. Taraplaryň hiç biri şu Maddada göz öňünde tutulýan kanunlar we düzgünler ulanylanda beýleki Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen (ler) Awiakärhanasy (lary) bilen deňeşdirilende özüniň hususy ýa-da islendik (ler) beýleki (ler) awiakärhanasyny (laryny) ileri tutmaly däldirler.

4. Ylalaşýan Tarapyň biriniň Çäklerinden göni üstäşyr geçirilýän, howa menziliniň beýle maksat üçin bellenilen zolagyndan çykyp gitmeýän ýolagçylar, goşlar we Ýük diňe zorlugyň, howa garakçylygynyň garşysyna howpsuzlygyň, neşe serişdelerine gözegçilik çärelerinden başgalarda, diňe gözegçiligiň ýönekeýleşdirilen amalynyň geçirilmegine degişli bolmalydyr. Beýle goşlar we Ýükler gümrük paçlaryndan, aksiz salgytlardan we beýleki meňzeş milli we/ýa-da ýerli ýygymlardan we salgytlardan boşadylýar.

5. Her bir Ylalaşýan Tarap, özüniň çākleriniň derejesinde, beýleki Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen (-ler) Awiakärhanalaryna degişli bolýan howa gämileri we emläk babatda tussag edilmegine we hukuklaryň beýleki islendik çäklendirmelerine gadagan edilmeleri kepillendirýär.

## 8-nji madda
## KODLARY BILELIKDE ULANMAK

1. Ylalaşýan Taraplaryň ikisiniň Bellenilen Awiakärhanalary, harytşynaslyk daşaýjy bolsun ýa-da hakyky daşaýjy bolsun, islendik başga awiakärhanasy ýa-da awiakärhanalary bilen harytşynaslyk boýunça hyzmatdaşlyk gatnaşyklary barada ylalaşyklara erkin girip bilýärler, şol sanda, emma çäklendirmesiz, orunlary gabamak boýunça we/ýa-da kodlary bilelikde ulanmak boýunça (şol sanda üçünji taraplar bilen kodlary bilelikde ulanmak boýunça ylalaşyklar) ylalaşyklara erkin girip bilýärler.

2. Kodlary bilelikde ulanmak boýunça hyzmatlary bermekden öň, kodlary bilelikde ulanmak boýunça hyzmatdaşlar, borçnamalar we müşderilere, awiasiýa howpsuzlygyna, uçuşlaryň howpsuzlygyna we ýardam bermäniň meseleleri babatda haýsy tarapyň jogapkärçilik çekjekdigini ylalaşmalydyr. Beýle şertleri belleýän Ylalaşyk, iki Awiasiýa Häkimiýetleri tarapyndan kodlary bilelikde ulanmak boýunça ylalaşyklar baglaşylmanka bellige alynmalydyr.

3. Beýle ylalaşyklar degişli Awiasiýa Häkimiýetleri tarapyndan tassyklanylmalydyr, şeýle şertde, ýagny, beýle ylalaşyklarda ähli awiakärhanalaryň esasy hukuklary we/ýa-da daşamak üçin rugsatnamalarynyň bolan şertinde tassyklanylmalydyr.

4. Kodlary bilelikde ulanmak boýunça ylalaşygyň bolan ýagdaýynda, harytşynaslyk daşaýjy her bir satylan petek babatda satuw nokadynda alyjy üçin aýdyňlygy üpjün etmeli, ýagny howa ýolunyň haýsy meýdanynda haýsy awiakärhanasy uçuşy hakykatdan ýerine ýetirer we haýsy awiakärhanasy ýa-da haýsy awiakärhanalary bilen alyjynyň şertnamalaýyn gatnaşyklaryna girýänligi barada aýdyňlygy üpjün etmelidir.

5. Her bir Ylalaşýan Tarapyň bellenilen (-ler) Awiakärhanasy (-lary), beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde islendik (ler) nokadyň (laryň) arasynda kodlary bilelikde ulanmak boýunça ýollary teklip edip biler (ler), şeýle şertde, ýagny beýle ýollar beýleki Ylalaşýan Tarapyň awiakärhanasy ýa-da awiakärhanalary tarapyndan ulanylýan şertinde teklip edip biler.

## 9-njy madda
## UÇUŞA ÝARAMLYLYK SERTIFIKATLARY. HÜNÄR ŞAHADATNAMALARY WE YGTYÝARNAMALARY

1. Ylalaşýan Tarapyň biri tarapyndan berlen ýa-da hereket edýär diýlip ykrar edilen, we hereket edýän möhleti geçmedik uçuşa ýaramlylyk şahadatnamalary we ygtyýarnamalary beýleki Ylalaşýan Tarap tarapyndan hakyky diýip ykrar edilýär, Şertnamalaýyn Awiaýollarynyň ulanyş maksady bilen şeýle şertde, ýagny berlen ýa-da hakyky diýip ykrar edilen beýle şahadatnamalar ýa-da ygtyýarnamalar, Konwensiýa laýyklykda bellenilen iň az talaplara laýyk gelýärler.

2. Her bir Ylalaşýan Tarap, muňa garamazdan, özüniň hususy Çäklerinden uçuşlary ýerine ýetirmek maksady bilen, beýleki Ylalaşýan Tarapyň şahsy raýatlaryna berlen hünär şahadatnamalarynyň we ygtyýarnamalarynyň hakykylygyny ykrar etmezlik hukugyny özünde saklaýar.

3. Eger Ylalaşýan Tarapyň biri tarapyndan berlen ýa-da hakyky diýip yglan edilen şahadatnamalaryň ýa-da ygtyýarnamalaryň artykmaç taraplary ýa-da şertleri, Konwensiýada kesgitlenilen standartlardan tapawutlanmalary saklaýan bolsa, Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasynda beýle tapawutlaryň bellige alnanlygyna garamazdan,

beýleki Ylalaşýan Tarapyň Awiasiýa Häkimiýetleri, birinji Ylalaşýan Tarapyň 10 (2) Madda boýunça hukuklary üçin ýitgisiz, 18-nji Madda laýyklykda beýleki Ylalaşýan Tarapyň Awiasiýa Häkimiýetleri bilen maslahatlary geçirmek barada seredilýän amalyň olar üçin ulanarly bolýanlygyna göz ýetirmek üçin ýüz tutmasyny berip biler. Özara ulanarly ylalaşyklaryň gazanylmazlygy şu Ylalaşygyň 4 (1) Maddasyny ulanmak üçin esas bolup gulluk eder.

**10-njy madda**
**UÇUŞLARYŇ HOWPSUZLYGY**

1. Her bir Ylalaşýan Tarap islendik wagtda, beýleki Ylalaşýan Tarapyň kabul eden uçuş düzümlerine, howa gämilerine ýa-da olaryň ulanyşyna gatnaşygy bar bolan islendik ugurda howpsuzlygyň standartlary boýunça maslahatlary sorap bilýär. Beýle maslahatlar ýüz tutmanyň alnan gününden 30 günüň dowamynda geçirilmelidir.

2. Eger beýle maslahatlar geçirilenden soňra, Ylalaşýan Tarapyň biri şulary ýüze çykarsa, ýagny beýleki Ylalaşýan Tarap 1-nji bentde görkezilen ugurda howpsuzlygyň standartlaryny berjaý etmeýänligini we olary goldanmaýanlygyny anyklasa, olar azyndan şol wagtda Konwensiýada bellenilen iň az standartlara laýyk gelmeli, onda birinji Ylalaşýan Tarap beýleki Ylalaşýan Tarapa beýle kemçilikleri barada habarnamany berýär, beýleki Ylalaşýan Tarap degişli düzediji hereketleri görmelidir. Eger beýleki Ylalaşýan Tarap 15 günüň dowamynda ýa-da ylalaşylyp biljek biraz uzak wagtyň dowamynda degişli çäreleri görmese, onda bu şu Ylalaşygyň 4 (1) Maddasyny ulanmak üçin esas bolup durýar.

3. Şeýle Ylalaşyk gazanyldy, ýagny ylalaşýan Tarapyň biriniň awiakärhanasy tarapyndan, beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde ýa-da çäklerinden daşary uçuşlary ýerine ýetirmek üçin ulanylýan islendik howa gämisi, beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde bolýan wagtynda, beýleki Ylalaşýan Tarapyň häkimiýetleriniň wekili tarapyndan hem bortunda, şeýle hem howa gämisiniň daş-töwereginde, bortdaky resminamalaryň dogrulygyny, uçuş düzüminiň resminamalaryny barlamak üçin howa gämisiniň we onuň enjamlarynyň wizual ýagdaýyna (şu Maddada «perrondaky barlag» diýlip atlandyrylýar), beýle seredişiň esaslandyrmasyz saklanylmagyna getirmeýän şertinde seredişden geçirmäge degişli bolýandyr.

4. Eger perrondaky islendik beýle barlag ýa-da barlaglaryň seriýasy şu aşakdakylary ýüze çykaryan bolsa:

a) Howa gämisiniň ýa-da howa gämisiniň ulanyşy, şol wagtda Konwensiýada bellenilen iň az kadalara jogap bermeýänligi sebäpli düýpli biynjalygy ýüze çykaryan bolsa; ýa-da

b) şol wagtda Konwensiýa laýyklykda bellenilen howpsuzlygyň kadalarynyň netijeli berjaý edilmeginiň we ýolbaşçylygyň ýoklugynyň düýpli biynjalyklygy ýüze çykaryan bolsa;

Barlagy amala aşyrýan Ylalaşýan Tarap, konwensiýanyň 33-nji Maddasyny ýerine ýetirmek maksady bilen, şeýle netijenamany berip bilýär, ýagny beýle howa gämisi babatda ýa-da ulanyjy babatda ýa-da beýle howa gämisiniň uçuş düzümi babatda berlen beýle şahadatnamalar ýa-da ygtyýarnamalar boýunça talaplar berlen bolsa ýa-da hereket edýän diýlip hasap edilýän bolsa, Konwensiýa laýyklykda bellenilen iň az kadalara laýyk gelmeýän bolsa, ýa-da olardan ýokary bolmasa netijenamany berip bilýär.

5. Ylalaşýan Tarapyň biriniň awiakärhanasy tarapyndan ulanylýan howa gämisiniň perronynda, şu Maddanyň (3) bendine laýyklykda şol awiakärhananyň wekili tarapyndan barlagyň ýerine ýetirilmegi üçin elýeterligiň berilmegine boýun gaçyrylan ýagdaýynda, beýleki Ylalaşýan Tarapyň beýle häsiýetli düýpli biynjalygyň ýüze çykanlygy barada çaklamany aýtmaga, ol barada şu Maddanyň (4) bendinde görkezilýär we özüniň netijenamasyny bermäge hukugy bardyr, oňa şu bentde salgylanma berilýär.

6. Her bir Ylalaşýan Tarapyň, eger birinji Ylalaşýan Tarap, ýa-da perronda geçirilen barlagdan, perrondaky barlaglaryň seriýasyndan soňra, perronda barlagyň ýerine ýetirilmegine elýeterligi bermekden boýun gaçyrylanda, maslahatlardan ýa-da başga görnüşde, awiakärhanasy tarapyndan uçuşlary geçirmegiň howpsuzlygynyň maksatlarynda gaýra goýulmasyz hereketiň zerurlygynyň barlygy barada netijä gelýän bolsa, beýleki Ylalaşýan Tarapyň awiakärhanasy ýa-da awiakärhanalary tarapyndan uçuşlaryň ýerine ýetirilmegi üçin rugsatnamanyň gaýra goýulmasyz saklanylmagyna ýa-da üýtgedilmegine bolan hukugyny özünde galdyrýar.

7. Şu Maddanyň (2) ýa-da (6) bentleriniň düzgünlerine laýyklykda Ylalaşýan Tarapyň görýän islendik hereketi, beýle hereketi görmek üçin esasyň bolmagy bes edilen badyna, haýal etmän togtadylar.

## 11-nji madda
## AWIASIÝA HOWPSUZLYGY

1. Halkara hukugyndan gelip çykýan özüniň hukuklaryna we borçnamalaryna laýyklykda, Ylalaşýan Taraplar tassyklaýarlar, ýagny, olaryň bir-biriniň öňündäki Raýat Awiasiýasynyň howpsuzlygyny bikanun goşulmalaryň namalaryndan goramak boýunça borçnamalarynyň şu Ylalaşygyň aýrylmaz bölegini düzýänligini tassyklaýarlar.

2. Halkara hukuklary boýunça özleriniň hukuklarynyň we borçnamalarynyň umumylygyny çäklendirmesiz, Ylalaşýan Taraplar, ýerine ýetirmeli, hususan hem, jenaýatlar hakynda Konwensiýanyň we 1963-nji ýylyň 14-nji sentýabrynda Tokio şäherinde gol çekilen howa gämisiniň bortunda amala aşyrylýan birnäçe namalaryň, 1970-nji ýylyň 16-nji dekabrynda gol çekilen howa gämileriniň Bikanun Basyp alynmagyna garşy Göreş barada Konwensiýasyna we 1971-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda Monreal şäherinde gol çekilen Raýat Awiasiýasynyň Howpsuzlygyna garşy göreşmeklige gönükdirilýän Bikanun Namalara garşy Göreşmek boýunça Konwensiýasyna, 1971-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda Monreal şäherinde kabul edilen, 1988-nji ýylyň 24-nji fewralynda gol çekmek üçin açylan, raýat awiasiýasynyň howpsuzlygyna garşy gönükdirilen bikanun namalaryna garşy Göreşmek boýunça Konwensiýa goşulýan, halkara raýat awiasiýasyna hyzmat edýän howa menzillerinde zorlugyň bikanun namalaryna garşy Göreşmek boýunça Teswirnama laýyklykda, 1991-nji ýylyň 1-nji martynda kabul edilen partlaýjy plastik maddalaryň, olary ýüze çykarmak maksady bilen belgilemesi hakynda Konwensiýa we Ylalaşýan Taraplaryň ikisi üçin hökmany bolýan, raýat awiasiýasynyň howpsuzlygyny düzgünleşdirýän islendik başga ylalaşyga laýyklykda hereket etmelidirler.

3. Ylalaşýan Taraplar, haýyş edilmegi boýunça, raýat howa gämisiniň bikanun basyp alma namalarynyň we beýle howa gämisiniň, olaryň ýolagçylarynyň we uçuş düzümleriniň, howa menzilleriniň we aeronawigasiýa serişdeleriniň howpsuzlygyna garşy gönükdirilýän başga bikanun namalarynyň we raýat awiasiýasynyň howpsuzlygyna salynýan islendik başga howpuň öňüni almak boýunça biri-birine zerur kömegi berýärler.

4. Ylalaşýan Taraplar, Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasy tarapyndan bellenilen we Konwensiýanyň Goşundylary hökmünde şeýle gowrumde, ýagny onda awiasiýa howpsuzlygy boýunça beýle düzgünler, Ylalaşýan Taraplar üçin ulanarly bolýan awiasiýa howpsuzlygy boýunça düzgünlere laýyklykda iki taraplaýyn hereket ederler.

5. Mundan başga-da, Ylalaşýan Taraplar şulary talap etmeli, ýagny sanawda bellige alnan howa gämileriniň ulanyjylary ýa-da olaryň Çäklerinde olaryň işiniň esasy orny bolýan ýa-da hemişelik rezidensiýasy bolan howa gämileriniň ulanyjylary we olaryň Çäklerinde ýerleşýän howa menzilleriniň ulanyjylary, awiasiýa howpsuzlygy boýunça beýle düzgünlere laýyklykda, Ylalaşýan Taraplaryň ulanýan çäklerinde beýle düzgünlere laýyklykda hereket etmegini talap etmelidirler.

6. Her bir Ylalaşýan Tarap ylalaşýar, ýagny onuň howa gämilerini ulanyjylardan, beýleki Ylalaşýan Tarapyň Çäklerine gonanda, Çäklerinden uçanda ýa-da bolýan wagtynda, awiasiýa howpsuzlygy boýunça düzgünleriň berjaý edilmegi talap edilip biler, olara Beýleki Ylalaşýan Tarapyň ulanmagy bilen, Ylalaşygyň şu maddasynyň 4-nji bendinde salgylanma berilýär.

7. Her bir Ylalaşýan Tarap özüniň Çäklerinde howa gämilerini goramak we ýolagçylary, uçuş düzümlerini we el goşlaryny gözden geçirmek boýunça çäreleriň netijeli ulanylmagyny, şeýle hem goşlaryň, ýükleriň we howa gämileriniň bort ätiýaçlyklarynyň olary ýüklemekden ýa-da düşürmekden öň howpsuzlygyň degişli barlaglarynyň geçirilmegini üpjün edýär. Şeýle hem, her bir Ylalaşýan Tarap anyk howpuň aradan aýrylmagyna gönükdirilýän, howpsuzlygyň aýratyn çärelerini görmek boýunça beýleki Ylalaşýan Tarapyň islendik haýyşyna hoşniýetlik bilen seredýär.

8. Ýolagçylaryň, uçuş düzüminiň, howa gämileriniň, howa menzilleriniň we aeronawigasiýa serişdeleriniň howpsuzlygyna garşy gönükdirilýän raýat howa gämileriniň bikanun basyp almasynyň ýa-da başga bikanun hereketleriň bolan ýagdaýynda, beýle ýagdaýyň howpy bolanda, Ylalaşýan Taraplar, beýle hadysanyň ýa-da howpuň çalt önüniň alynmagyna gönükdirilen beýle hadysa ýa-da howp sebäpli adamlaryň ömri üçin iň az töwekgellikler bilen, aragatnaşygy ýeňilleşdirmegiň we beýleki degişli çäreleri görmegiň ýoly bilen bir-birine ýardam bererler.

9. Her bir Ylalaşýan Tarap, beýleki Ylalaşýan Tarapyň howa gämisiniň, onuň Çäklerinde gonan ýagdaýynda bikanun basyp alynma namasyna ýa-da bikanun goşulmanyň beýleki namalaryna sezewar edilen ýagdaýynda onuň ýerde galmagyny üpjün etmek üçin, diňe onuň uçmagy onuň ýolagçylarynyň we uçuş düzüminiň ömürlerini goramak boýunça esasy borjunyň ýerine ýetirilmeginiň zerurlygy bilen ýüze çykarylmaýan ýagdaýyndan başgalarda özüniň amaly taýdan ýerine ýetirerli diýip hasap edýän çärelerini görer.

10. Eger Ylalaşýan Tarapda, beýleki Ylalaşýan Tarapyň şu Maddanyň düzgünlerinden çykýanlygyna paýhasly esaslaryň bolan ýagdaýynda, birinji Ylalaşýan Tarapyň Awiasiýa Häkimiýetleri, beýleki Ylalaşýan Tarapyň Awiasiýa Häkimiýetleri bilen gaýra goýulmasyz maslahatlaryň geçirilmegini talap edip bilerler. Beýle ýüz tutma berlenden soňra on bäş (15) günüň dowamynda kanagatlanarly çözgüdiň gazanylmadyk ýagdaýynda, beýle ýagdaý şu Ylalaşygyň 4-nji Maddasynyň (1) bendini ulanmak üçin esas bolup biler. Adatdan daşary ýagdaýyň ýüze çykan halatynda, Ylalaşýan Tarap 4-nji Maddanyň (1) bendine laýyklykda on bäş (15) gün möhlet geçýänçä degişli wagtlaýyn çäreleri görmelidir. Şu bende laýyklykda görülýän islendik hereket, eger beýleki Ylalaşýan Tarap tarapyndan şu Maddanyň howpsuzlyk boýunça düzgünleri ýerine ýetirilýän bolsa saklanylmalydyr.

## 12-nji madda
## PEÝDALANYJYDAN ALYNÝAN ÝYGYMLAR

1. Her bir Ylalaşýan Tarap, özüniň ygtyýarly edaralary tarapyndan Peýdalanyjylara salynýan ýygymlaryň, ýagny beýleki Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen Awiakärhanalaryndan howa menzillerinden we beýleki awiasiýa serişdelerinden peýdalanýanlygy üçin salynýan ýygymlaryň ýa-da salmaga rugsat berilýän ýygymlaryň adalatly we paýhasly bolmagyny üpjün etmek üçin ähli tagallalary görerler. Beýle ýygymlar rejeli ykdysady ýörelgelerine esaslanýan bolmaly, we edil şeýle hyzmatlar üçin beýleki awiakärhanalaryna salynýan ýygymlardan ýokary bolmaly däldir.

2. Ylalaşýan Tarapyň biriniň Bellenilen (ler) awiakärhanasy (lary), beýleki Ylalaşýan Tarapyň enjamlarynyň we hyzmatlarynyň ulanylmagy üçin şoňa meňzeş halkara howa gatnawlaryny amala aşyrýan beýleki islendik daşary ýurtly awiakärhanalaryna salynýan ýygymlardan köp bolan ýygymlary tölemeli däldirler.

3. Her bir Ylalaşýan Tarap ýygymlary salýan ygtyýarly edaralaryň, serişdelerinden we hyzmatlaryndan peýdalanýan Bellenilen Awiakärhanalarynyň arasynda Peýdalanyjydan alynýan Ýygymlar boýunça maslahatlaryň geçirilmegine ýardam bermelidir. Beýle Peýdalanyjylara, degişli soragnama maglumatlary we informasiýa bilen bilelikde, olara üýtgeşmeleriň girizilmeginden öň özleriniň pikirlerini aýtmak üçin mümkinçilik berer ýaly, Peýdalanyjylardan alynýan Ýygymlara girizilen islendik üýtgeşmeler barada paýhasly habarnamany bermek zerurdyr.

## 13-nji madda
## TÄJIRÇILIK IŞI

1. Her bir Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen Awiakärhanalarynyň Ylalaşýan Tarapyň Çäklerinde, howa gatnawlaryna we daşaýjy resminamalaryň satuwlaryna ýardam bermek, şeýle hem beýleki Ylalaşýan Tarapyň kanunçylygyna laýyklykda howa gatnawlaryny üpjün etmek üçin zerur bolýan beýleki kömekçi önümleriň we serişdeleriň satuwlaryna ýardam bermek maksady bilen ofisleri esaslandyrmaga hukugy bolýar.

2. Her bir Ylalaşýan Tarap beýleki Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen Awiakärhanasyna (laryna) şulara rugsat bermeli:

a) şol Ylalaşýan Tarapyň kanunçylygyna laýyklykda howa gatnawlaryny üpjün etmek üçin, ýolbaşçylyk täjirçilik, dessin işleri ýerine ýetirmek üçin şol ýurduň raýaty bolup durmaýan işgärleri öz Çäklerine getirmäge we saklamaga. Daşary ýurtly raýatlaryň, raýatlygy ýok adamlaryň işe çekilen ýagdaýynda we olara zähmet çekmäge rugsatnamalaryň resmileşdirilýän ýagdaýynda, Ylalaşýan Taraplaryň Bellenilen Awiakärhanalary iki taraplaýyn esasda, beýleki Ylalaşýan Tarapyň kanunçylygy bilen bellenilen, iş beriji tarapyndan ulanylýan daşary ýurtly raýatlaryň we raýatlaryň gatnaşygyny berjaý etmekden boşadylýarlar.

b) onuň çäklerinde işleýän we beýle hyzmatlary bermäge ygtyýarlygy bolan islendik başga guramanyň, kompaniýanyň ýa-da awiakärhanasynyň hyzmatlaryndan we işgärlerinden peýdalanmaga.

3. Her bir Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen Awiakärhanalarynda beýleki Ylalaşýan Tarapyň Çäklerinde göni ýa-da agentleriň üsti bilen howa gatnawlarynyň satuwy we utgaşykly önümleriň we serişdeleriň satuwy bilen meşgullanmak üçin hukugy bolmalydyr. Beýle maksat üçin, Bellenilen Awiakärhanalarynyň özüniň hususy daşaýjy resminamalaryny ulanmaga hukugy bolar. Her bir Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen Awiakärhanasynyň, ýerli walýutada ýa-da Ylalaşýan Taraplaryň kanunçylygyna laýyklykda islendik başga erkin konwertirlenýän walýutada gatnawy satmaga, islendik tarapyň bolsa beýle gatnawy we onuň utgaşykly önümlerini we serişdelerini satyn almaga hukugy bolmalydyr.

4. Ylalaşýan Tarapyň biriniň Bellenilen Awiakärhanalarynyň, beýleki Ylalaşýan Tarapyň Çäklerinde ýerli çykdajylaryny, ýerli walýutada şeýle şertde tölemäge hukugy bolar, ýagny eger ol walýutany düzgünleşdirmegiň ýerli düzgünlerine laýyklykda we/ýa-da Ylalaşýan Taraplaryň kanunçylygyna laýyklykda islendik başga erkin konwertirlenýän walýutasynda amala aşyrylýan şertinde hukugy bolar.

5. Ýokarda görkezilen işleriň hemmesi, beýleki Ylalaşýan Tarapyň Çäklerinde hereket edýän ulanylýan kanunlara we düzgünlere laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

## 14-nji madda
## GIRDEJILERI GEÇIRMEK

1. Beýleki Ylalaşýan Tarapyň kanunçylygyna laýyklykda, Ylalaşýan Taraplaryň her biriniň Bellenilen awiakärhanalarynyň beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde howa gatnawlaryň satuwyny amala aşyrmaga hukugy bardyr. Beýle satuw, satuwyň amala aşyrylýan çäklerindäki Ylalaşýan Tarapyň kanunçylygyna laýyklykda erkin konwertirlenýän we/ýa-da ýerli walýutada göni ýa-da bellenilen agentleriň üsti bilen amala aşyrylyp biler.

2. Her bir Ylalaşýan Tarap beýleki Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen Awiakärhanalaryna, girdejileriň alnan Döwletiniň kanunlaryna we düzgünlerine laýyklykda girdejileriň çykdajylardan ýokary bolýan jemlerinde erkin geçirmek üçin hukugyny berýär. Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen Awiakärhanalary tarapyndan alnan girdejileriň beýleki Ylalaşýan Tarapyň milli walýutasyna konwertasiýa edilmegi, beýle

Tarapyň kanunlaryna we walýutalary düzgünleşdirmegiň düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylýar.

3. Eger Ylalaşýan Tarap beýleki Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen Awiakärhanalary tarapyndan girdejileriniň çykdajylardan ýokary bolýan jemleri geçirmegi üçin çäklendirmeleri girizýän bolsa, onda beýle Ylalaşýan Tarapyň, birinji Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen Awiakärhanalaryna jogap hökmünde çäklendirmeleri girizmäge hukugy bolar.

4. Ylalaşýan Taraplaryň arasynda ýörite ylalaşygyň bolan ýagdaýynda, iki gezek salgytlaryň salynmagyndan saklanmak, ýa-da Ylalaşýan Taraplaryň ikisiniň arasynda pul gaznalarynyň geçirilmegini düzgünleşdirýän ýörite ylalaşygyň bolan ýagdaýynda, beýle ylalaşyk ileri tutulýan bolar.

## 15-nji madda
## UÇUŞ TERTIPLERINI TASSYKLAMAK

1. Her bir Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen Awiakärhanalary, beýleki Ylalaşýan Tarapyň Awiasiýa häkimiýetlerine, uçuşlar başlamanka, bellenilen uçuşlaryň tertibini makullamagy üçin bermelidirler, onda uçuşlaryň ýygylygy, howa gämileriniň görnüşleri we hereket edýän döwri görkezilmelidir. Uçuşlaryň beýle tertibi, meýilnamalaşdyrylan uçuşlar ýerine ýetirilip başlamanka azyndan 30 (otuz) gün öňünden berilmelidir. Beýle talap şeýle hem uçuş tertibine girizilýän islendik üýtgeşmelerde hem ulanylar. Aýratyn ýagdaýlarda, eger zerur bolsa, görkezilen wagtyň çägi, Awiasiýa Häkimiýetleriniň arasynda maslahatlar geçirilenden soňra azaldylyp hem biler.

2. Eger Bellenilen Awiakärhanasy, uçuşlaryň tassyklanylan tertibinde görkezilenlerden başga goşmaça uçuşlary ýerine ýetirmegi islese, onda ol degişli Ylalaşýan Tarapyň Awiasiýa Häkimiýetlerinden deslapky rugsatnamany almalydyr.

## 16-njy madda
## NYRHLAR

1. Her bir Ylalaşýan Tarap her bir Bellenilen Awiakärhanasy tarapyndan bazarda işleriň täjirçilik ýagdaýyny ünse alyp Nyrhlaryň bellenilmegine rugsat berýär. Ylalaşýan Taraplaryň hiç biri Bellenilen Awiakärhanalaryndan, beýleki awiakärhanalary tarapyndan alynýan ýa-da alynmagyny teklip edýän nyrhlar babatda maslahatlaşmagy talap etmeli däldir.

2. Her bir Ylalaşýan Tarap özleriniň Awiasiýa Häkimiýetlerinden Ylalaşýan Taraplaryň ikisiniň Bellenilen Awiakärhanalarynyň Çäklerine ýa-da olaryň Çäklerinden gatnawlar üçin salynýan nyrhlar barada deslapky habarnamanyň berilmegini talap edip biler. Bellenilen Awiakärhanalardan ýa-da olaryň adyndan beýle habarnama olaryň herekete girizmeginiň teklip edilen senesinden 30 günden köp bolmadyk günüň dowamynda talap edilip biler. Aýratyn ýagdaýlarda, habarnamany ýa-da bellige alyşy, adatça talap edilýäninden biraz gysga möhletde bermäge rugsat edilip biler.

3. Şu Maddada göz öňünde tutulýan ýagdaýlardan başgalarda, Ylalaşýan Taraplaryň hiç biri, halkara howa gatnawlary üçin Ylalaşýan Taraplaryň islendiginiň Bellenilen Awiakärhanasy tarapyndan bellemek üçin teklip edilen ýa-da bellenilýän nyrhyň herekete girizilmeginiň ýa-da uzaldylmagynyň öňüni almak boýunça bir taraplaýyn hereketi görmeýär.

4. Ylalaşýan Taraplaryň goşulmagy şu aşakdakylar bilen çäklendirilmeli:

a) Ulanylmagy bäsdeşlige garşy özüni alyp barşyny düzýän Nyrhlary bellemegiň öňüni almak bilen, beýle özüni alyp baryş, bäsdeşine zelel ýetirip biler ýa-da zelel ýetirmäge meýilli bolup ýa-da bäsdeşiniň uçuş ugrundan çykarylmagyna getirip biler;

b) Agdyklyk edýän ýagdaýyndan hyýanatçylyk bilen peýdalanmagynyň netijesinde sarp edijileri çendenaşa ýokary nyrhlardan ýa-da çäklendiriji nyrhlardan goramak bilen; we

c) Bellenilen Awiakärhanalary, hökümet tarapyndan göni ýa-da ýanaşyk görnüşinde pullaryň assignowaniýe edilmegi ýa-da ýardam berilmegi sebäpli emeli görnüşde peseldilen nyrhlardan goramak bilen;

d) Bellenilen Awiakärhanalary emeli görnüşde peseldilen nyrhlardan goramak bilen.

5. Eger Ylalaşýan Tarap, beýleki Ylalaşýan Tarapyň Bellenilen Awiakärhanasy tarapyndan halkara howa gatnawlary üçin salynmagy teklip edilýän nyrhlaryň şu Maddanyň (4) bendinde beýan edilýän görkezijilere laýyk gelmeýär diýip hasap edýän bolsa, onda ol maslahatlaryň berilmegi barada ýüz tutma berip bilýär we beýleki Ylalaşýan Tarapa, mümkin boldugyça çalt, özüniň ylalaşmaýanlygy barada habarnamany bermelidir. Beýle maslahatlar, beýle ýüz tutma alnandan soňra 30 günden gijä galdyrman geçirilmelidir, we Ylalaşýan Taraplar beýle meseläni düzgünleşdirmek üçin zerur bolýan maglumatlaryň abatlygyny üpjün etmek üçin bir-biri bilen habarlaşyp

hereket etmelidirler. Eger Ylalaşýan Taraplar, närazylygy barada habarnamanyň berlenligi sebäpli nyrhnama babatda ylalaşygy gazansalar, onda her bir Ylalaşýan Tarap beýle ylalaşygyň herekete girmekligi üçin ähli tagallalary görer. Tersine barada beýle özara ylalaşyksyz, önki hereket edýän nyrh güýjünde galmagyny dowam eder.

## 17-nji madda
## MAGLUMATLARY ALYŞMAK

1. Ylalaşýan Taraplaryň ikisiniň hem Awiasiýa Häkimiýetleri, olaryň degişli Bellenilen Awiakärhanalarynyň beýleki Ylalaşýan Tarapyň Çäklerine, olaryň üstünden ýa-da Çäklerinden gatnawlaryň ýerine ýetirilmegi üçin olaryň hereket edýän rugsatnamalarynyň uzaldylmagy babatda maglumatlaryň dessin alşylmasyny amala aşyrýarlar. Bu öz içine teklip edilen uçuşlar boýunça gatnawlary ýerine ýetirmek üçin, çykarmalar barada goşmaçalary ýa-da buýruklary bilen bile, hereket edýän şahadatnamalaryň we rugsatnamalaryň göçürme nusgalaryny alar.

2. Her bir Ylalaşýan Tarapyň Awiasiýa Häkimiýetleri beýleki Ylalaşýan Tarapyň Awiasiýa Häkimiýetlerine olaryň ýüz tutmasy boýunça, gatnawlar barada beýle döwürleýin ýa-da başga statistika maglumatlaryny, beýleki Ylalaşýan Tarapyň çäklerinde, paýhasly görnüşde talap edilip biljek gonuşlary we düşürmeleri görkezip bererler.

## 18-nji madda
## MASLAHATLAR

1. Içgin hyzmatdaşlygyň çäklerinde, Ylalaşýan Tarapyň Awiasiýa Häkimiýetleri, wagtal-wagtal şu Ylalaşygyň düzgünlerini ýerine ýetirmek we kanagatlanarly berjaý etmek maksady bilen biri-birine maslahatlary bermelidirler we her bir Ylalaşýan Tarap, islendik wagtda, şu Ylalaşygyň ýerine ýetirilmegi, düşündirilmegi, ulanylmagy boýunça ýa-da şu Ylalaşygyň düzgünlerine düzedişleri girizmegiň meseleleri boýunça maslahatlaryň berilmegi üçin ýüz tutma berip bilýär.

2. 4, 10 we 12-nji Maddalaryň berjaý edilýän şertinde, beýle maslahatlar, olar ara alyp maslahatlaşmalaryň ýa-da hat alyşmalaryň ýoly bilen geçirilip biler, eger Ylalaşýan Taraplar başgalar barada ylalaşmasalar, beýle ýüz tutmany alan gününden altmyş (60) günüň dowamynda başlamalydyr.

## 19-njy madda
## JEDELLERIŇ DÜZGÜNLEŞDIRILMESI

1. Ylalaşýan Taraplaryň arasynda şu Ylalaşygyň düşündirilmegi ýa-da ulanylmagy sebäpli haýsydyr bir jedeliň ýüze çykan ýagdaýynda, Ylalaşýan Taraplar ilkinji nobatda ony gepleşikleri geçirmegiň ýoly bilen düzgünleşdirmeklige synanyşýarlar.

2. Eger gepleşikleriň ýoly bilen jedeliň düzgünleşdirilmegi gazanylmasa, islendik Ylalaşýan Tarapyň haýyş etmegi boýunça jedel çözgüdiň kabul edilmegi üçin, üç (3) sany arbitrlerden ybarat bolýan arbitraža berlip biler, ol şu aşakdaky görnüşde döredilýär:

a) Arbitražda seredilmegiň geçirilmegi üçin ýüz tutmasyny alandan soňra 60 günüň dowamynda, her bir Ylalaşýan Tarap bir sany arbitri belleýär. Arbitražyň Başlygy hökmünde hereket etjek üçünji Döwletiň raýaty, ikinji arbitriň bellenilen pursatyndan 60 günüň dowamynda, iki sany bellenilen arbitrler tarapyndan, üçünji arbitr edilip bellenilýär;

b) Eger ýokarda bellenilen möhletiň dowamynda haýsydyr bir bellemeler edilmese, islendik Ylalaşýan Tarap, Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasynyň Geňeşiniň Başlygyndan 30 günüň dowamynda zerur bellemäni ýerine ýetirmegi haýyş edip bilýär. Eger Başlyk Ylalaşýan Taraplaryň biriniň raýaty bolup durýan bolsa, onda şol bir esasda beýle işi ýerine ýetirmekden çetleşdirilmedik iň uly Wise Başlyk, beýle bellemäni edip bilýär. Beýle ýagdaýda, agzalyp geçilen Başlyk ýa-da ýagdaýlara baglylykda Wise Başlyk tarapyndan bellenilen arbitr ýa-da arbitrler, şu Ylalaşygyň taraplary bolup durýan Döwletleriň raýatlary ýa-da hemişelik rezidentleri bolmaly däldirler.

3. Şu Madda bilen soňra şertlenýänlerden başgalarda, ýa-da eger Ylylaşýan Taraplar başgaça görnüşde ylalaşýan bolsalar, arbitraž kazyýeti dinlemäniň nirede geçiriljek ýerini we şu Ylalaşyga laýyklykda onuň ýurisdiksiýasynyň çäklendirilmelerini kesgitleýär. Arbitraž kazyýeti özüniň hususy amalyny belleýär. Serediljek takyk soraglaryň kesgitlenilmegi üçin, arbitraž kazyýeti doly emele getirilenden soňra, 30 günden gijä galdyrman konferensiýa geçirilmelidir.

4. Eger Ylalaşýan Taraplar tarapyndan başgaça bellenilmedik bolsa ýa-da arbitraž kazyýeti tarapyndan talap edilmeýän bolsa, her bir Ylalaşýan Tarap arbitraž kazyýeti doly esaslandyrylandan soňra 45 günüň dowamynda ähtnama bermelidir. Jogaplar 60 gün geçenden soň berilmelidir. Arbitraž islendik Ylalaşýan Tarapyň haýyş etmegi boýunça, ýa-da öz garamagy boýunça, jogaplar berlenden soňra 30 günüň dowamynda dinlemäni geçirýär.

5. Arbitraž kazyýeti dinleme tamamlanandan soňra 30 günüň dowamynda ýazmaça çözgüdini çykarmaga synanşar, ýa-da eger dinleme geçirilmedik bolsa, iki sany jogabyň berlen gününden 30 günüň dowamynda synanşar.

6. Ylalaşýan Taraplaryň arbitražyň çözgüdini alanlaryndan soňra 15 günüň dowamynda çykarylan çözgüt babatda düşündirmeleriň berilmegi üçin ýüz tutmalary berip bilýärler, we beýle düşündirme beýle ýüz tutma berlenden soňra 15 günüň dowamynda resmileşdirilmelidir.

7. Ylalaşýan Taraplar, islendik şerti, kazyýetiň deslapky çözgüdini ýa-da arbitražyň gutarnykly çözgüdini ýerine ýetirmelidirler.

8. Arbitraž kazyýetiniň gutarnykly çözgüdine laýyklykda, Ylalaşýan Taraplar özleriniň saýlan arbitri üçin çykdajylaryny çekerler we şol sanda deň derejede şu Maddanyň 2 (b) bendinde agzalyp geçilýän amallary ýerine ýetirenlerinde Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasynyň Geňeşiniň Başlygynyň ýa-da Wise-başlygynyň çeken islendik çykdajylaryny çekerler.

9. Eger, islendik Ylalaşýan Tarapyň, şu Maddanyň (8) bendinde seredilýän çözgüdiniň ýerine ýetirilýän wagtyna çenli çözgüdi ýerine ýetirmese, beýleki Ylalaşýan Tarap, özüniň şu Ylalaşyk boýunça, özüniň borçnamalaryny ýerine ýetirmedik beýleki Ylalaşýan Tarapyň islendik hukuklaryny we ileri tutmalaryny çäklendirip, saklap ýa-da ýzyna çagyryp bilýär.

## 20-nji madda
## YLALAŞYGA GIRIZILÝÄN ÜÝTGEŞMELER WE DÜZEDIŞLER

1. Şu Ylalaşyga Ylalaşýan Taraplaryň özara ylalaşmasy boýunça, aýratyn teswirnamalar görnüşinde üýtgeşmeler we düzedişler girizilip biler, olar şu Ylalaşygyň 23-nji Maddasynda beýan edilýän amallara laýyklykda güýje girýärler we onuň aýrylmaz bölegi bolup durýarlar.

2. Şu Ylalaşygyň düzgünlerine garamazdan, şu Ylalaşygyň ýanyna goşulýan, uçuşlaryň tertibine girizilýän üýtgeşmeler, Ylalaşýan Taraplaryň Awiasiýa Häkimiýetleriniň arasynda ýazmaça görnüşinde ylalaşylyp biler.

## 21-nji madda
## BELLIGE ALMAK

Şu Ylalaşyk we oňa girizilen islendik düzedişler bellige alynmagy üçin Gruziýa tarapyndan Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasyna berilmelidir.

## 22-nji madda
## YLALAŞYGYŇ HEREKET ETMEGINI TOGTATMAK

1. Her bir Ylalaşýan Tarap islendik wagtda diplomatiýa ýollarynyň üsti bilen beýleki Ylalaşýan Tarapa, şu ylalaşygyň hereket etmegini ýatyrmak barada özüniň çözgüdi hakynda ýazmaça habarnamasyny iberip bilýär. Edil şeýle habarnama bir wagtyň özünde Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasyna hem iberilmelidir. Beýle ýagdaýda, Ylalaşyk beýleki Ylalaşýan Tarapyň habarnamany alandan soňra, diňe eger ýatyrmak barada habarnama, beýle möhlet geçmänkä ylalaşyk bilen yzyna çagyrylmasa 12 aýdan özüniň hereket etmegini togtadar.

2. Beýleki Ylalaşýan Tarapyň ýatyrmak barada şol habarnamany alanlygy barada habarnamanyň bolmadyk ýagdaýynda, habarnama edil şeýle habarnamany Raýat Awiasiýasynyň Halkara Guramasy alandan soňra on dört (14) gün geçenden soňra alyndy diýlip hasap ediler.

## 23-nji madda
## YLALAŞYGYŇ GÜÝJE GIRMEGI

1. Şu Ylalaşyk diplomatiýa ýollary boýunça Ylalaşýan Taraplaryň, onuň güýje girmegi üçin zerur bolan döwletleriň içindäki amallaryň ýerine ýetirilýänligi barada iň soňky habarnamanyň berlen senesinden 30 gün geçenden soňra güýje girer.

2. Şu Ylalaşygyň güýje girmegi boýunça, Türkmenistanyň Hökümetiniň we Gruziýanyň Hökümetiniň arasyndaky 1993-nji ýylyň 17-nji awgustyndaky howa gatnawlary barada Ylalaşyk hakyky däl diýlip hasap ediler.

**Muňa şaýatlyk hökmünde,** aşakda gollaryny çeken özleriniň degişli Hökümetleri tarapyndan degerli görnüşde ygtyýarly edilen adamlar şu Ylalaşyga gollaryny çekdiler.

Aşgabat şäherinde 2022-nji ýylyň «20» iýulynda amala aşyryldy, iki sany asyl nusgada, her biri Türkmen, Gruzin we Iňlis dillerinde, olaryň ähli beýanlarynyň birmeňzeş güýji bardyr. Şu Ylalaşygyň düzgünleriniň beýany düşündirilende gabat gelmezlikleriň bolan ýagdaýynda Iňlis dilindäki beýany ileri tutular.

| TÜRKMENISTANYŇ HÖKÜMETINIŇ ADYNDAN | GRUZIÝANYŇ HÖKÜMETINIŇ ADYNDAN |
|---|---|

**GOŞUNDY**
**UÇUŞLARYŇ TERTIBI**

**Bölüm 1:**

Gruziýanyň Bellenilen (ler) Awiakärhanasy (lary) tarapyndan ulanyljak ugurlar:

| Uçuş nokatlary | Aralyk nokatlar | Geliş nokatlary | Çäklerden daşardaky nokatlar |
|---|---|---|---|
| Gruziýadaky islendik nokatlar | Islendik nokatlar | Türkmenistandaky islendik nokatlar | Islendik nokatlar |

**Bölüm 2:**

Türkmenistanyň Bellenilen (ler) Awiakärhanasy (lary) tarapyndan ulanyljak ugurlar:

| Uçuş nokatlary | Aralyk nokatlar | Geliş nokatlary | Çäklerden daşardaky nokatlar |
|---|---|---|---|
| Türkmenistandaky islendik nokatlar | Islendik nokatlar | Gruziýadaky islendik nokatlar | Islendik nokatlar |

**Şertnamalaýyn ýollaryň ulanyşy**

1. Ylalaşýan Taraplaryň ikisi tarapyndan Bellenilen Awiakärhanalaryň şertnama ýollary boýunça uçuşlary ýerine ýetirýän ýagdaýynda, gatnawyň islendik görnüşinde (ýolagçylar, ýükler, aýratynlykda ýa-da utgaşykda) howanyň erkinliginiň üçünji we dördünji derejelerinden peýdalanmaga hukugy bolýar.

2. Ylalaşýan Taraplaryň ikisi tarapyndan bellenilen awiakärhanalary, islendik we ähli uçuşlarda, ylalaşylan hyzmatlaryň olaryň degişli çäklerinde başlanýan ýa-da tamamlanýan şertinde ýokarda görkezilen islendik nokatlary goýberip geçip bilýärler.

3. Aralyk nokatlar, çäklerden daşary nokatlar we yzda galan nokatlar, täjirçilik hukuklaryny ulanmasyz, uçuşyň ugry we geografiýasy boýunça haýsydyr bir çäklendirmesiz ulanylyp bilerler.

4. Howanyň erkinliginiň başinji derejesiniň hukugy Ylalaşýan Taraplaryň ikisiniň awiasiýa häkimiýetleriniň çözgüdi boýunça berlip biler.

5. Kabotaž hukuklaryna rugsat edilmeýär.